Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 2. DODAK ÇEKİMLİLERİ

**16-njy gönükme.** Okaň. Her sözüň birinji bognundaky çekimlisini aýdyň we olary depderiňize göçüriň.

Orak, ýokumly, ökünç, örküç, uçmak, ýuka, üzüm.

1. *Bu yerde näçe söz ýazylypdy?*

2. *Depderiňize näçe çekimli ses göçürip aldyňyz we olaryň haýsylary ýogyn, haýsylary inçe çekimli?*

**Örküç** sözüniň manysyny düşündiriň.

*ýokumly*

**17-njy gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleri göçürň we olaryň birinji bogundaky çekimlini aýdyň.

### BAGYŇ ÄHMIÝETI



**Bag, tokaý** egsilmez baýlykdyr. Olar, **külleriň, howdan-laryň suwuny gün şöhlesinden goraýar. Howa-ny** tämizleýär.

Şonuň **üçin** hem mähriban Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy bag ekmek, tokaý döretmek meselesine köp üns berýär. Ekilýän nahallary guratman **ösdürip** ýetişdirmegi talap edýär.. Bu **atalyk** aladadyr.

**Nahal** *sözüniň manysyny sözlükden okaň.*

Türkmen dilindäki dodak çekimlileri şulardyr: *o, ö, u, ü.*

enkultur.com

***18- njy gönükme.*** Okaň we bulary nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize göçüriň.

Çagalar, orun, durmuş, depe, ýylgyn, öküz, iki, däne, üzüm, ýurt, Meret, Tylla, Göwher, barmak, dürtgüç, yumuş, gaýtalamak, mekdep, otuz, örküç.

**Nusga:**

| *Dodak çekimlili sözler* | *Dodaklanmayan çekimli sözler* |
| --- | --- |
| *Orun*<br>*durmuş* | *Çagalar*<br>*depe* |



***19-njy gönükme.***

Okaň, soňra göçüriň. Içinde dodak çekimlisi bolan sözleriň aşagyny çyzyň.

## TİLKİ

Tilkiler, esasan, gumlarda, daglarda ýaşaýarlar. Olar örän köpelegen haýwanlardandyr. Tilkiniň päkize, ösgün,ýumşak tüýli derisi bolýar.

Bu haýwan özboluşly owadanlygy bilen tebigata görk berýar.

***Pakize** sözüniň manysyny sözlükden okaň.*

Aşagyny çyzan sözleriňizdäki çekimlileri aýdyp beriň.

* * *

Turkmenkultur.com

***20-njy gönükme.*** Şygry labyzly okaň. Dodak çekimlilerini göçürip alyň. Bir dodak çekimlini iki gezek yazmaň.

## WATAN

Ysgap gülden doýmaryn,
Mertebäm, janym, Watan!
Seni dilden goýmaryn,
Jigerim-janym, Watan!

Ýüregim goşa tardyr,
Gyjak bilen dutardyr.
Türkmene alkyş ýardyr,
Hazynam, känim, Watan!

Bagtyýar gülzarym bar,
Garaşsyz diýarym bar,
Sylanýan Serdarym bar,
Şöhratym-şanym, Watan!

*Ýylgaý Dyrdyýew.*

*Göçürip alan dodak çekimlileriniz näçe sany we olar haýsylar?*

**Mertebe** sözüniň manysyny sözlükden okaň.

Turkmenkultur.com